# Ýüz prosent netije / ýumoreska

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Satiriki hekaýalar
написано kitapcy | 25 января, 2025
Ýüz prosent netije / ýumoreska ÝÜZ PROSENT NETIJE

Profsoýuz komitetiniň mejlisi dowam edýärdi. Başlyklyk ediji esasy gürrüňe başlady.
— Ýoldaşlar, ýokardan gelenlerem, käbir ýerli ýolbaşçylaram kolhozymyzda önümçilik bilen baglanyşykly biderek hadysalaryň zol-zol bolup durýandygyny, şu ugurdan kolhoz prawleniýesiniň, hususan hem biziň profsoýuz guramamyzyň ýolbaşçy sostawynyň ýeterlik iş alyp barmaýandygyny berk tankyt edipdiler. Tankytdan ýüz prosent netije çykaryldy diýip, size habar berip bilerin!
Şeý diýdi-de, ol sözüni makullatjak bolup, oturanlaryň ýüzüne birlaý seredip çykdy. Hemmeler makullaýjylyk bilen baş atýardy. Ol bu görnüşden gylaw alyp, sözüne has hem bat berdi.
— Ýadyňyzda bolsa, geçen ýyl «Teležkadan ýykylyp, gapyrgasyny döwdüreni üçin», «Ussahanada işleýärkä aýagyna agyr zat gaçanlygy üçin» diýen ýaly sebäpler boýunça işe ýarawsyzlyk listoklaryna hak tölemeli bolupdyk. Bu ýyl welin şeýle eýmendiriji ýagdaýlar — önümçilik trawmasy diýilýän bela-beter eger-eger ýok. Düşünýäňizmi, ýekeje-de önümçilik trawmasy ýok! Munda şu oturanlaryň hem mynasyp, has dogrulap aýtsam, iňňän uly paýy bar. Ýerli-ýerden iş alyp baryp, ýagny düşündiriş geçirip, şu ýagdaýyň soňuna sogan dogramaga baryňyz şahsy goşant goşduňyz…
Ol sözüne dyngy berdi, özüni dürsedi. täze güýç bilen nutkyny dowam etdirdi:
— Ýöne, adamçylyk-da, mahal-mahal il arasynda dürli ýagdaýlara uçrap, kolhoz önümçiliginden çetleşip galýanlaram bolýar. Bize soňky gelip gowşan işe ýarawsyzlyk listoklary munuň şeýledigini görkezýär. Rugsat berseňiz, olaryň käbiri bilen sizi tanyşdyraýyn!

– Italmazowa Jennet. 3-nji brigadada işleýär. 18 gün işden galypdyr. Myhmanlara çaltrak garaşyk etjek bolandyr-da, elini et üwelýän maşyna zaýaladypdyr.
Ol gök kagyzlaryň ýene birnäçesini okady. Soňundanam «Näderis, işe ýarawsyzlyk listoklaryna hak tölärismi?» diýen terzde oturanlaryň ýüzüne seretdi. Hemmeler elini galdyrdy. Dogry-da walla! Önümçilik trawmasy bolmasa bolany!

Jumanyýaz PERMANOW.

«Edebiýat we sungat» gazeti, 06.04.1984 ý. Satiriki hekaýalar